# Tanyşlyk

Category: Goşgular,Kitapcy
написано kitapcy | 21 января, 2025
Tanyşlyk Berdinazar HUDAÝNAZAROW

▶ TANYŞLYK

Tanaman çiňerlip dursuň ýüzüme,
Eý Dünýe,
menem bir ynsanyňdyryn.
Bu pany jahanda, bu ýalançyda
Diňe dogry sözi küýsäniňdirin.

Özüm özümiňki däl dogup döräp,
Şer iş köpeldikçe meň
halym harap.
Öňeten ýylpylda
biperwaý garap,
Mal däl – mylakata suwsanyňdyryn.

Seret, pese tagzym edýär beýikler,
Çyn egsigip,
Ersip barýar galplar.
Adam dälem adam etjek boluplar
Ýören sähnesypat Gulhanyňdyryn.

Çoýmaga Gün, aňkarmaga Aý berip,
Gara kellä müň bir pikir-oý berip,
Şarpykdan, ýumrukdan ýetik paý berip,
Maňlaýymdan seýrek sypanyňdyryn.

Bolandyryn saňa şeýle bir belet,
Ýylgyrşyň ýasama, gurluşyň galat.
Şonda-da gözüme pugtarak seret:
Yşka düşen däli-porhanyňdyryn.

Şahyrlar harlasa öz senedini,
Tabşyrdygy bolar amanadyny.

Eý Dünýe, henizem tanamadyňmy —
Kem-kem sabap barýan ynsanyňdyryn. Goşgular